# Şeýle-de bolar ahyry… / henek

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şeýle-de bolar ahyry… / henek ŞEÝLE-DE BOLAR AHYRY…



Soňky döwürde aýalym Toýbike: "Daşrak ýere toýa gitmeli bolsa özüm giderin. Sen obadakylara görünseňem bolar. Adymyza seretseňem şeýdilse gowy. Meniň adym Toýbike, diýmek, men her bir toýda toý eýesinden soň ikinji adam. Toýuň beýemçisi, toýuň bikesi bolmaly. Seniň adyň bolsa Toýguly. Diýmek, sen toý hyzmatkäri bolýaň. Şonuň üçin toýa gidäýeniňde-de, meniň sözüm saňa kanun bolmaly" diýdi.
Garasaý, men öýde-de, toýda-da onuň guly bolmaly. Bu düzgün köp wagt dowam etdi. Bir gün ýaňy daňyň ak sepiniň açylan çagynda, kelläniň aladalardan saplanyp, dury pikir ýöredýän wagty şeýle netijä geldim: "Her kimiň öz hukugyny goramaga

haky bar. Garşylyk görkezmeli. Bolmasa başga bir çykalga gözlemeli”. Ýöne garşylyk görkezmek üçin hem atyň kellesi ýaly ýürek gerekdi. Diýjek sözümi käte içimden, käte Toýbikäniň ýok wagty synag üçin daşymdan aýdyp gördüm. Bolaýjak ýaly. Şeýdibem, günlerde bir gün bişip ýetjek derejesine ýeten waharman ýaly “ýaryldym”.

– Toýbike, köp wagt bäri daş ýeriň toýuna diňe sen gidýäň. Iki bolup gideli diýsegem bolaýanok. Hojalykda işiň gutarjak gümany ýok. Onsoň birimiz galmaly bolýarys.

– Sen näme diýjek bolýaň?!

– Sen toý etseň, diňe aýallar gelip, toýuňy sowmaly bolaýmasa. Toýda erkek kişiler azlyk edip dursa, gelşiksiz boljak.

– Erkekler toýda beren gatanç pullaryndan köp zyýan edýärler. Käte olaryň köpräk içip, gaplaň ýaly topulyp, aýy ýaly aslyşybermelerem bar… Mysal getireýinmi?

– Aý, ýok-la…

– Asyl aýallar beýle däldir. Käwagt öňünde goýulan nahara, saçaga salnan mata, ýaglyga at dakaýmasalar, görgülileriň gepi bolmaz. Şonuň üçin erkekler daş ýerden toýa geljek bolup, azara galyp ýörmän, ýola berjek çykdajysy bilen toýa berjek gatanç puluny goşup, elinje adamdan iberäýsinler. Şeýtseler, hem-ä olar şol gün öz hojalygynda dünýäň işini ederler, hemem toý eýesini uly azardan dyndararlar.

Hak zada hak diýmek meniň ganymda bar. Ylalaşdym. Içimden toýda biedeplik edýänlere sögündim. Indi, Toýbikä boýun bolmaly bolarmy? Ýok. Çykalga gözlemeli.

Dogrudanam, biz-erkekler toýlara baryp, aňrybaş zyýan ýetirmesegem, käte suw meýilli ýaşyl gurbagalar ýaly birek-birege gezek bermän gürleýäris, keýpden çykýarys. Her niçigem bolsa, buludyň syrylyp, günüň ýalpyldap dogjak wagty daşda däldir. Toýbike günüň öňüni eli bilen ýapyp bilmez.

Tapdym! Ewrika! Maşgalamyzda biriniň ugyny ýekeläp, berim bilen öz tarapyma geçirmeli. Aýlyk aldym. Çagalara diýen zatlaryny alyp berip öňünden gepleşdim. Saçak başynda bolsa ”Daş ýerlerdäki toýlara diňe Toýbike gitmelimi?” diýen meseläni patladyp sese goýdum. Köp ses alyp, ýeňiş gazandym. Hawa, ýeňiş gazandym. Indi men daşu-ýakyn diýmän, ähli toýlara gidibermeli. Hezillik!

Amanberdi ALLABERDIÝEW. Satiriki hekaýalar